# Ysraýyly kim durzup biler?

Category: Kitapcy,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ysraýyly kim durzup biler? YSRAÝYLY KIM DURZUP BILER?



Ilki bilen prezident Erdoganyň Ysraýyl hakdaky soňky çykyşynyň örän şowsuzdygyny we ýerliksizdigini nygtamak gerek. Akyllybaşly her bir türk raýaty Türkiýäniň Ysraýyla garşy harby herekete girişmejegini gowy bilýär. Türkiýäniň beýle güýji bolýan bolsady, Ysraýyl 2010-njy ýylda «Mawy Marmara» gämisine dökülip, on sany türk raýatyny öldürende jogap bererdi. Özübiz bilýänsiňiz, ara şol wagtyň amerikan prezidenti Barak Obamanyň girmegi we Ysraýylyň dilujundan ötünç soramagy bilen meseläniň üsti gömüldi.
Erdoganyň bu çykyşy elbetde ýurduň içindäki halk köpçüligine gönükdirilipdi we bahalaryň gymmatlamagyndan ýadan garyp halkyň ünsüni sowup, hökümetiň üstündäki basyşy ýeňletme maksady bardy. Ýöne bu çykyş Günbatar mediýasynda «Erdogan Ysraýyla haýbat atýar» habarlarynyň berilmegine getirdi.
Erdoganyň sözleri ABŞ-da resmi saparda aktiw lobbi işlerini

geçirip ýören Netanýahunyň Ysraýylyň howp astyndadygy barada aýdanlaryny güýçlendirişi ýaly, Türkiýäniňem Eýran ýaly ikiýana urunýan, boýundan uly gürleýän ýurt ýagdaýyna düşürdi.
Bir zady bilmegimiz gerek: Türkiýe soňky ýyllarda goranmak senagatynda uly öňegidişlikleri gazananam bolsa, Günbatar bilen, aýratynam ABŞ bilen gidişip biljek güýçde däl. Türkiýäniň ykdysadyýeti entek gowşak, entegem Günbataryň kapitalyna we tehnologiýasyna mätäçlik duýulýar. Uruş beýlede dursun, Günbataryň Eyrana edişi ýaly yglan etjek sanksiýalary-da ýurdy ykdysady taýdan kyn ýagdaýlara düşürip biler. Şonuň üçin türkler mazaly güýçlenýänçä Günbatar bilen gönüden-göni dikleşmekden gaça durjak bolmaly.
Serediň-ä, önümçilikden söwda, tehnologiýadan ylym-bilime her bir ugurda Günbatary aldym-berdime salýan Hytaýam şunça mümkinçilikleriniň bardygyna garamazdan öz ýeri hasaplaýan Taýwan meselesinde ABŞ bilen göni çaknyşyga girmekden gaça durýar. Onuň ýerine ussat küştçi ýaly berjek urgusy üçin iň amatly pursatyny peýleýär. Biziňem şeýtmegimiz gerek.
Gürrüňimize dolanyp gelsek, halkara jemgyýetçiliginiň gazaply nägileligine we dünýäniň ýüzlerçe şäherinde geçirilen protest demonstrasiýalaryna garamazdan Günbatar şindizem Ysraýylyň Gazada on aý bäri dowam edip gelýän gyrgynçylygyna arka durýan bolsa, etmeli iş belli:
Yslam dünýäsi aýgytly herekete geçip, Russiýa, Hytaý, Braziliýa, Günbatar Afrika ýaly ýurtlary-da kömege çagyrmaly.
Yslam dünýäsiniň belli-başly ýurtlary, meselem Türkiýe, Müsür, Saud Arabystany, Katar, BAE, Iordaniýa, Päkistan, Indoneziýa ýaly ýurtlar Ysraýyl Gazadan çekilip, BMG tarapyndan kesgitlenen çäklerde Palestina döwleti (kagyz ýüzünde däl-de, iş ýüzünde) gurulýança ABŞ bilen her dürli hyzmatdaşlygy bes etse, gysga wagtda netije gazanmak mümkin. Esasy mesele, ýokardaky ady agzalan ýurtlary köpçülikleýin garşylyga razy edip bilmek.
Ýekeje pursatlyk Pars aýlagynyň arap ýurtlarynyň Günbatara nebit sanksiýasyny girizendigini, Türkiýäniň, Iordaniýanyň, Päkistanyň, Müsüriň ABŞ bilen harby hyzmatdaşlygyny bes edendigini, Katardaky, Saud Arabystanyndaky amerikan harby bazalarynyň ýapylandygyny göz öňüne getirip görüň. Bular ýaly ýagdaýda Waşingtonyň etegine ot düşüp, şobada Ysraýyly agyzdyryklamak üçin näme etmeli bolsa ederdi.
Ysraýyl ABŞ üçin näçe gymmatly-da bolsa, Waşington Saud

Arabystany, Katar, Kuweýt, BAE ýaly amerikan ykdysadyýeti üçin jana-jan bähbidi bolan bolan energetika ýurtlaryny özünden daşlaşdyrasy gelmez. Edil şolar ýaly, Afrikada materigiñ bir başyny saklap duran Müsür bilen Aziýadyr Ýewropanyñ arasynda köpri funksiýasynda oturan Türkiýe hem strategiki taýdanam, sebitdäki agramy taýdanam ABŞ-nyñ añsat el çekip biljek ýurtlary däl.
Türkiýe ýerliksiz we manysyz çykyşlary edip, özüni kyn ýagdaýa düşürmegiñ ýerine, yslam ýurtlary bilen güýjüni birikdirip, Günbatary-da, Ysraýyly-da gysaja gysmagyñ pikirini etmeli. Taryhda ilkinji gezek yslam dünýäsi Günbataryñ garşysynda bir bitewi güýç bolup hereket etse, dünýäniñ güýç deñagramlylygy-da üýtgäp biler. Şol sanda beýle synanyşyk yslam dünýäsiniñ müñ ýyllap dünýä öñbaşçylyk eden birmahalky güýjüne we ýitiren ajaýyplygyna täzeden gowuşmagynyñ ýoluny-da arçap biler.
Beýle bolýan bolsa, bokurdaga bat berip, boş haýbatlary atmagyñ ýerine anyk işleri orta goýmagymyz gerek.
Esedulla OGUZ,
Germaniýada ýaşaýan türkmen žurnalisti.

Sişenbe, 30.07.2024 ý. Publisistika